# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERIŇ EKSPORTY

START — Elde dokalan haly we haly önümlerini eksport etmek üçin resminamalary taýýarlamak

1 — Eksport edilýän haly we haly önümleriniň gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin, dahylly şahs gümrük edarasyna ýazmaça ýüz tutýar

2 — Gümrük gözegçiligi

3 — Gümrük tölegleri we gümrük hyzmatlary üçin tölegleri tölemek

4 — Ýük gümrük deklarasiýasyny bellige aldyrmak

# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERINI EKSPORT ETMEK ÜÇIN RESMINAMALARY TAÝÝARLAMAK

## Elde dokalan haly we haly önümlerini eksport etmek üçin gümrük edarasyna berilmeli resminamalar:



**Garaşylýan netije**
Gümrük edarasyna ýüz tutmak

**Harytlary eksport etmek üçin Gümrük dellalyň hytmatyndan peýdalanyp bilersiňiz!**

**Dahylly şahs gümrük edarasyna harytlary gümrük taýdan resmileşdirip bermek barada arza berýär we oňa aşakdaky şertlerde sanalan resminamalary goşýar (asyl nusga)**

**Daşary ykdysady geleşik amala aşyrylan mahalynda baglaşylan eksport şertnama** (asyl nusga)

**Geleşigiň pasporty** (asyl nusga)

**Bellik:** baglaşylan şertnamanyň umumy bahasy erkin aýlanýan puluň çäginden geçmedik halatynda şu resminama talap edilmeýär.

**Harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen baglanyşykly geleşikleriň amala aşyrylmagyny tassyklaýan hasap-faktura** (asyl nusga)

**Ýükläp ugradyş we gaplaýyş listleri** (asyl nusga)

**Harydyň ýany bilen iberilýän ulag (daşaýyş) resminamalary** (asyl nusga)

**Bellik:** daşary ýurt awtoulagy bolan ýagdaýynda "Türkmenulaggözegçilik" döwlet kärhanasynyň awtoula ýüklemäge rugsady

**Türkmen halysynyň milli muzeýiniň haly we haly önümleriniň medeni we taryhy gymmatynyň ýokdugy barada bilermenler seljermesiniň netijenamasy**

**Esaslandyryş resminamalary** (asyl nusgasyny görkezmek bilen nusgasy):

**a)** ýuridik şahs üçin:
- esaslandyryş resminamasy;
- ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesi.
- daşary ykdysady işe gatnaşyjynyň şahadatnamasy;

**b)** hususy telekeçi üçin:
- bellige alyş şahadatnamasy;
- patent.

**Ygtyýarly wekil üçin:**
- ýuridik şahsyň wekilçilik edýän işgärine ynanç haty;
- hususy telekeçiniň zähmet şertnamasy boýunça wekilçilik edýän işgärine ynanç haty;
- şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasportyny görkezmek bilen nusgasy)

1 ädim

# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERINIŇ (HARYTLAR) EKSPORTYNY GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMEK

**Eksport edilýän harytlar gümrük taýdan resmileşdirilmegi üçin, dahylly şahs gümrük edarasyna ýazmaça ýüz tutýar**



**Garaşylýan netije**

Harytlaryň gümrük resmileşdirmesini amala aşyrmaga ygtyýarly edilýän gümrük işgäri belletmek

**Dahylly şahs gümrük edarasyna harytlary gümrük taýdan resmileşdirip bermek barada arza berýär we oňa aşakdaky şertlerde sanalan resminamalary goşýar** (asyl nusga)

## ŞERTLER

**Daşary ykdysady geleşik amala aşyrylan mahalynda baglaşylan eksport şertnama** (asyl nusga)

**Geleşigiň pasporty** (asyl nusga)

**Bellik:** baglaşylan şertnamanyň umumy bahasy erkin aýlanýan puluň çäginden geçmedik halatynda şu resminama talap edilmeýär.

**Harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen baglanyşykly geleşikleriň amala aşyrylmagyny tassyklaýan hasap-faktura** (asyl nusga)

**Ýükläp ugradyş we gaplaýyş listleri** (asyl nusga)

**Harydyň ýany bilen iberilýän ulag (daşaýyş) resminamalary** (asyl nusga)

**Bellik:** daşary ýurt awtoulagy bolan ýagdaýynda "Türkmenulaggözegçilik" döwlet kärhanasynyň awtoula ýüklemäge rugsady

**Türkmen halysynyň milli muzeýiniň haly we haly önümleriniň medeni we taryhy gymmatynyň ýokdugy barada bilermenler seljermesiniň netijenamasy**

**Harytlaryň gelip çykyşyny tassyklaýan resminama**

**Esaslandyryş resminamalary** (asyl nusgasyny görkezmek bilen nusgasy):

**a)** ýuridik şahs üçin:
- esaslandyryş resminamasy;
- ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesi.
- daşary ykdysady işe gatnaşyjynyň şahadatnamasy;

**b)** hususy telekeçi üçin:
- bellige alyş şahadatnamasy;
- patent.

**Ygtyýarly wekil üçin:**
- ýuridik şahsyň wekilçilik edýän işgärine ynanç haty;
- hususy telekeçiniň zähmet şertnamasy boýunça wekilçilik edýän işgärine ynanç haty;
- şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasportyny görkezmek bilen nusgasy)

**Kanuny esaslar**

**1.** Türkmenstanyň Gümrük kodeksiniň 81-nji maddasy

**2.** «Harytlary, zatlary we gymmatlyklary şahsy adamlar tarapyndan Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmegini kadalaşdyrmak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 18-nji iýulynda çykaran 3251-nji karary

**3.** Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 24-nji noýabrynda çykaran 524-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 16-njy dekabrynda 817 san bilen bellige alnan, Eksport we import geleşikleri boýunça dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda hasaplaşyklar geçirilende geleşigiň pasportyny resmileşdirmegiň Tertibi

**2 ädim**

# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERINIŇ (HARYTLAR) EKSPORTYNY GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMEK

## GÜMRÜK GÖZEGÇILIGI




**Garaşylýan netije**

Ýük gümrük deklarasiýasyny doldurmak

## ŞERTLER

- **Bilelikdäki gümrük barlagy, gözegçiligi we resmileşdirmegi amala aşyrýan Topara 1-nji ädimdäki resminamalary bermek**
- **Gümrük gözegçiligine eksport edijiniň ýa-da onuň wekiliniň özüniň gatnaşmagy**
- **Harytlary we ulag serişdesini gümrük gözegçiligine hödürlemek**
- **Gümrük gözegçiligine daşaýjynyň ýa-da onuň wekiliniň özüniň gatnaşmagy**

**Kanuny esaslar**

1. Türkmenstanyň Gümrük kodeksiniň 33-34-nji baplary
2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 26-njy fewralynda çykaran PB2339 belgili buýrugy

# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERINIŇ (HARYTLAR) EKSPORTYNY GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMEK

## Gümrük töleglerini we gümrük hyzmatlary üçin tölegleri tölemek




## ŞERTLER

Dahylly şahs tarapyndan dolduryan ýük gümrük deklarasiýasyny bermek

**Garaşylýan netije**

**Gümrük töleglerini tölemek üçin hasap almak we gümrük töleglerini tölemek**

**Kanuny esaslar**

1. Türkmenstanyň Gümrük kodeksi (III bölümi)
2. «Türkmenistana getirilende we onuň çäklerinden daşary alnyp gidilende gümrük paçlary tölenmeýän hem-de gümrük paçlary bellenýän harytlaryň sanawyny we gümrük paçlarynyň möçberlerini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 27-nji iýulynda çykaran 9925-nji karary
3. «Gümrük ýygymlary hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 16-njy awgustynda çykaran 13169-njy karary

4 ädim

# ELDE DOKALAN HALY WE HALY ÖNÜMLERINIŇ (HARYTLAR) EKSPORTYNY GÜMRÜK TAÝDAN RESMILEŞDIRMEK

## Ýük gümrük deklarasiýasyny bellige aldyrmak




### ŞERTLER

- Ýük gümrük deklarasiýasyny we 1-nji ädimde görkezilen resminamalary bermek



- Gümrük tölegleri we gümrük hyzmatlary üçin tölegleriň tölenendigini tassyklaýan bank resminamalary bermek.

**Garaşylýan netije**

**Harytlaryň eksportyna rugsat almak**

**Kanuny esaslar**

1. Türkmenstanyň Gümrük kodeksi (12-nji bap)
2. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň 2011-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky 194 belgili buýrugy.